# Tapylmak

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Tapylmak TAPYLMAK




Tapyñ, bir-biregi ýitirip tapyñ!
Tapyñ bir-biregi şirin sözlerden,
Owadan gözlerden,
Güler ýüzlerden,
Goý, siz añsat tapyñ, itinip tapyñ!
Dostlary alysa ataryp, tapyñ!
Belentden-belende göterip tapyñ!
Sag bilen çepiñ,
Dürli tarapyñ
Ýodalarnyñ ýüpün
Ýollañ tanapyn,
Külterläp, tapylyñ goýnundan tapyñ!

Gybatlaryñ, içi güjükli gepiñ,
Gözünde ot ýakyñ
Açyñ-da sepin!
Olar aramazlar bähbidiñ köpüñ,
Diñe öz nepin

Gözlärler, bäş günlük keýpin.

Ýerden, bagdan tapyñ tapmadygñyzy,
Suwdan, dagdan tapyñ tapmadygñyzy!
Tapyñ, bereketden bereket tapyñ,
Ilki ata öýden hereket tapyñ!
Soñ giderñiz ýaly geljege gorkman,
Bagty bir-biregiñ raýyny ýykman,
Bir-birekden tapyñ, päliñden tapman!

Gowşut ŞAMYÝEW. Goşgular